# Ýazyjynyñ hukugy nirede?

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýazyjynyñ hukugy nirede? **Oguljennet Bäşimowanyñ Nukdaýnazar sahypasy üçin ýörite çykyşy**




15.04.2023 ý.
- ***Şu günüň kinoindustriýasy hakynda şahyryň garaýşy***

Çeper filmleriň näme üçin görülmeýändiginden, has dogrusy özüne çekmeýändiginden habaryňyz barmy soňky ýyllar? Belki bu edebiýatda has çynlakaý seredilmeli meseleleriň biridir, düýpli… Çünki ýazyjynyň hukuklarynyň nirededigi belli däl. Çünki kinolary ýazyjynyň düýpli diýjek zady bolmazdan, kinorežisýorlaryň özleri ýazýar. Belki-de kinorežissura şeýlebir zatdyr, ol zadyň ýazyjylyk däldigini düşündirmejek derejede jadylaýjydyr. Çünki kinofilmleriň, kinobazaryň esasynda ýazylan filmlerde aýtjak zadyň anyk bolmagy däl-de intriga bilen adam- tomaşaçy saklamak hökmandyr öýdülmegi professional filmleriň "ölmegine" getirýär. Şeýlelikde täsirlenen kinofilmler esasynda, düýpli bir temany gozgamagy başarmaýan tomaşaçy kemala gelýär, ýa-da filme tomaşa etmäge düýbünden garşy tomaşaçylar. Çünki kino örän täsirli sungat,

ol özüne çekiji, magnit diýseň hem bolman durmaz. Hem aňsat, ekrany açýaň, onuň üçin sabryňy saklap okap oturmak hökmanam däl, aşhanada durkaň hem, maşynda barýakaň hem, islendik ýerde oňa tomaşa edip bolýar. Emma ýazyjynyň işi hupbatly, ol şeýlebir okamaly, şeýlebir işlemeli, tä ki kinoda düýpli aýdyljak bolýan temanyň haýsy tarapyndan baranyňda, haýsy pikiri aýdanyňda, tomaşaça nähili ýetjegine çenli bilmeli. Edil şu jähtden bolsa, ýazyjynyň içki dünýäsinde turýan harasat barada hiç kim hiç hili göz öňüne-de getirip bilmez. Çünki düýpli filmi görýärkäňiz, siz ýazyjynyň baryp gaýdan pikir merdiwanlaryny söküp, olardan täsirlenip gaýdýarsyňyz. Çünki kino göreniňizde kinonyň alnyşy barada pikir etmeýärsiňiz, kostýumlar, grimler däl-de eýsem manysy barada pikirlenýärsiňiz ahbetin? Mysal üçin “Indi näme bolarka?” – diýip, garaşýarsyňyz. Bu 99% tomaşaçynyň kinony görüşi şeýle ýagdaýda amala aşýar. Emma kinoda nähili trýuklar edilendigi, nähili semka edilendigi, kostýem, çyra ol zatlaryň ählisine professional kino görüjiler belki-de öňe çykaryp bilerler. Kinonyň manysyna kömek edýän zatlar bolan ýokarda agzap geçen zatlarymyz bolsa, diňe kinonyň manysyny – ýazyjynyň ideýasyny güýçlendirmäge kömek edýär. Hiç wagt režissýor ýazyjydan many gatnaşykalarynda ýokarda bolup bilmez. Çünki ýazyjy öz eseriniň original bolmagyna, öz eserinde bir zat diýip, onuň yzynda durmaga çalyşýar. Çünki ýazyjy kinonyň manysyna jogap berýär, onuň rejissura bilen işi ýok. Bu bir kiçijik pikir, ýöne düýpli zat. Ýazyjy öz hukugyny gazansamy indi, mundan aňry. Çünki kinofilm meselede düýpli iş edilmeli bolsa, ilkinji nobatda aňyrsyny şu zatlarda görýän. Ýazyjy öz ideýasyna jogap berse, halkyň, ýagny tomaşaçynyň pikirinde dörejek soraglaryna jogap berse, ine onuň etmeli işi. Men režissuranyň näme diýjek bolýandygyna ýazyjy düşünjek bolmaly diýýän. Çünki ýazyjy ýeke özi işlemeli diýemmok. Çünki hemmesi bile işlemeli. Emma ýazyjy nirede durmaly, ine muny häzirki zaman özüni “ýazyjydyryn» öýdýän “kinorežisýorlara” düşündirmeli. Kinosenariýa ýazylanynda awtoryň ideýasy esasynda ýazylýar. Ol bolmasa, atasyny tanamaýan hürre çaga ýaly bolýar. Ýazyjynyň hukugy nirede? Ol bu sowala jogap

bermeli. Şol sebäpli-de kino dünýäsinde ýokary hilli iş etmek üçin düýpli tema gozgalmaly. Şol temanyň globallygy ýazyjynyň ideýa serediş derejesiniň nähili çuňlugyny aňlatmaly. Ine, şeýle ýagdaýda kinosenariýany ýazan ýazyjynyň hukugy ýüze çykýar. Bu bolsa, filmiň tomaşaçylaryna goýuljak hormatyň ilkini şertidir. Ýazyjynyň hukugy bolmazdan düýpli film bolar öýdemmok. Çünki bu meselede düýpli oýlanmaga wagt ýetdimikä diýýärin. Eger-de professional filmlere tomaşa etmäge höwesliler bar bolsa. Film bolsa, nesil terbiýeleýär. Bu örän çynlakaý mesele. Ideýany öňe sürmekde kinofilmleriň düýpli işlenmegi üçin ýazyjynyň hukugyna orun bermeli. Ine, şeýle ýagdaýda çynlakaý filmler dörär.
*Häzirki zaman filmleriniň näme üçin "süýjüsiniň ýoklugy" hakynda sowal beren okyjylaryma jogabym şeýleräk!*




- **Awtor hakynda**

*Oguljennet Gylyjowna Bäşimowa 1970-nji ýylyň 28-nji noýabrynda Mary welaýatynyň Gökje obasynda dünýä indi.*
*1989-1993-njy ýyllarda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Türkmen Döwlet uniwersitetiniň türkmen filologiýasy fakultetini žurnalistika hünäri boýunça okap gutarýar.*
*Uzak ýyllaryň dowamynda şu günki güne çenli dürli gazet-žurnallaryň redaksiýalarynda, telewideniýede dürli wezipelerde işläp gelýär.*
*Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» edebi bäsleşiginiň iki gezek ýeňijisi bolan O.Bäşimowa maşgalaly, bir ogly bar.* Nukdaýnazar